# Täze eser: «Ulufer»

Category: Edebiýat täzelikleri,Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Täze eser: "Ulufer" Täze eser




▶ ULUFER

Türkiýäniň ady belli žurnalistlerinden, ýazyjy Ahmet Kekeç ýigrimi ýyla çeken arakesmeden soň «Ulufer» atly uly göwrümli çeper eser bilen ýene-de edebiýat dünýäsine ýaň salmagy

başardy. Roman häzir kitap satuwynda öňdäki orunlary eýeleýär. Dogrusy, bu romanyň iň köp satyn alynýan kitaplaryň başyny çekmegine, eýýäm birnäçe aý bäri teletomaşaçylar tarapyndan söýlüp tomaşa edilýän «Hiç kim bilmez» («Kimse bilmez») teleserialynyň 2019-njy ýylyň 3-nji sentýabrynda ATV türk teleýaýlymynda ýaýlyma goýberilen 12-nji bölüminde serialyň baş gahrymanlarynyň biriniň kitaby okap durka sahna düşmegi hem sebäp bolan bolsa gerek.
Romanyň baş gahrymany sünni ynançly Mämmedaly daşy gabalgy durmuşa bent edilendigine garamazdan, haçanam bolsa bir gün öz göwün söýen gyzyna – alawy türkmen gyzy Ulufere gowuşmak üçin jan edýär, oňa bagyşlap ýazan goşgularyny metbugatda çap etdirýär we ýaşaýan ýerini taşlap gitmäge gaýrat tapýar.
Alyslara baş alyp gitjeginem, galjagynam bilmän iki jahan owarrasy bolup galan Mämmedaly, kakasynyň aradan çykmagy zerarly, öňem höwessiz durmuşyna hasam biperwaýlaşýar. Belki-de, bekedinden galkyp nätanyş ýurtlara tarap rowana bolan otly onuň üçin halas boluşyň başlangyjy bolar…
Tanymal žurnalist, ýazyjy Ahmet Kekeç uzaga çeken arakesmeden soň giň okyjylar köpçüligine hödürlän bu täze romany bilen gyra-bujakda ümsüm we göwnüçökgün halda gezip ýörenlere gol bulaýar, romanyň gahrymany Ulufer bolsa bedew atlar ornuny awtoulaglara çalşansoň, adam şekilli adam bolup ýaşamak üçin çyrpynýan az sanly jemendä…

- Romanyň sahypa sany: 224 sah.
- Çap edilen ýeri: Stambul (Türkiýe)
- Çap edilen wagty: 2019-njy ýylyň aprel aýy.
- Neşirýat: «Turkuvaz»
- Orginal dili: türk dilinde. Edebiýat täzelikleri